# Näme üçin musulman ýurtlary ylmy ösüşden yzda galdy?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Näme üçin musulman ýurtlary ylmy ösüşden yzda galdy? NÄME ÜÇIN MUSULMAN ÝURTLARY YLMY ÖSÜŞDEN YZDA GALDY?



Dünýä taryhyna ser salsak musulman ülkeleri ylym-bilimde uly üstünlikler gazanypdyr. Musulman alymlary ýer ýüzüne örän köp oýlap tapyşlary hödürläpdirler. Yslam ýurtlarynda ylym-bilim ösen döwürleri musulmanlar dünýäniň iň baý adamlary hasaplanypdyr. Häzir näme?
Näme üçin musulmanlar ösen Günbatar dünýäsiniň öňünde ejiz bolup galdy?
Şul soraga jogap hökmünde Yslamabadaky Ylmy barlag merkeziniň professory Doktor Farruh Selim geň galdyryjy maglumatlary hödürledi.

- **Näme üçin musulmanlar bu derejede ejiz hala düşdi?**

Soňky maglumatlara seredenimizde ýer ýüzünde musulmanlaryň umumy sany 1 476 250 000 adamdan agdygyrak. Olardan bir milliardy Aziýada ýaşaýar, 400 milliony Afrikada, 44 milliony Ýewropada we 6 milliony Amerikada ýaşaýar. Ýer saýýarasynda her bäş adamdan biri musulmandyr. Her bir hindä iki musulman, her buddista iki musulman, her bir jöhide bolsa ýüz musulman deň gelýär.

- **Siz ýeke sapar hem bolsa özüňize sorag berip gördüňizmi,**

**näme sebäpden biz musulmanlar ösüşden bu derejede yzda galdyk? Jogap: Mesele bilimde**

Halkara Yslam hyzmatdaşlyk guramasyna 57 döwlet agza bolup durýar. Şul 57 döwletiň çäginde umumy 500 uniwersitet bar. Her üç million musulmana bir uniwersitet düşýär. Ýekeje Amerikanyň birleşen ştatlarynyň özünde 5578 sany uniwersitet bar, her 57 000 amerikala bir uniwersitet deň gelýär.
Şanhaý Žio Tong uniwersiteti ýer ýüzündäki uniwersitetleriň netijelerini deňeşdirip gördi we gyzykyly tarapy dünýäniň iň güýçli 500 uniwersitetiniň sanawynda musulman döwletlerinden ýekeje uniwersitet ýok.
BMG-niň berýän maglumatlaryna görä, hristian dünýäsinde sowatlylyk derejesi 90 göterim. Ilatynyň esasy bölegi hristianlardan ybarat bolan 15 döwletde sowatlylyk derejesi 100 göterime ýetýär.
Musulman dünýäsinde sowatlylyk derejesi ortaça 40 göterim. Ilaty 100 göterim sowatly bolan ýekeje musulman döwleti ýok.
Hristian dünýäsinde sowatlylaryň 98 göterimi orta mekdebi tamamlaýar, musulman dünýäsinde bolsa sowatlylaryň diňe 50 göterimi orta mekdebi tamamlaýar.
Hristian dünýäsinde sowatlylaryň 40 göterimi ýokary okuwda okaýar, musulman dünýäsinde bary ýogy iki göterimi.

- **Näme üçin beýle ejizledik?**

Sebäbi biz bilim döredip bilemizok, sebäbi biz musulman ylym dünýäsini döredip bilemizok. Ilatynyň esasy bölegi musulmanlardan ybarat bolan döwletlerde her bir million musulmana 230 sany alym düşýär. ABŞ-da her million adama 4000 müň, Ýaponiýada 5000 alym deň gelýär.
Bütin arap döwletlerinde işleýän alymlaryň sany 35 000, her bir million araba 50 sany tehnik-inžener deň gelýär. Hristian dünýäsinde her bir million ilata 1000 inžener deň gelýär.
Musulman dünýäsi jemi içerki önümiň 0.2 götermini ylym-bilimiň ösüşine sarp edýär, Günbatar bolsa 5 götermini.
***Netije: Biz bilim öndürip bilemizok***

1000 sany ilata düşýän metbugat sany we million ilata görä näçe sany täze kitap çap edilýändigi ilatyň arasynda ylym-bilimiň näderejede ýaýbaňlanýandygyny görkezýän iň gowy görkezijidir. Päkistanda bir günde her müň adama 23 sany gazet çap edilýär, Singapurda 360 sany.

Beýik Britaniýada çap edilýän kitaplaryň sany deňeşdirilse, her million adama ýylda 2000 sany kitap ýazylyp çap edilýär, Müsürde ýylda her million adama 20 sany kitap ýazylyp çap edilýär.

***Netije: Biz musulmanlaryň arasynda ylym-bilimi ýaýbaňlandyryp bilemizok***

Döwrebap dünýäde belli bir döwletde ylym-bilimiň näderejede ösendigini şol ýurtdan eksport edilýän ýokary tehnologiýa enjamlarynyň sanyndan bilip bolýar. Meselem, Päkistan döwletiniň bir ýyllyk eksport edýän önümleriniň diňe bir göterimi ýokary tehnologiýa enjamlary bolup durýar. Saud Arabystany, Marokaş, Kuweýt, Jezaýrda ýagdaý has-da gözgini. Şul ýurtlaryň eksportynyň diňeje 0.3 göterimi ýokary tehnologiýalardyr. Singapurda bu görkeziji 58 göterimdir.

***Netije: Biz ylym-bilimi amalda ulanyp bilemizok***

Bilýäňizmi, gelejek ylym-bilimi çuňňur eýelän jemgiýetleriňki bolýar.

Gyzykly maglumat. Yslam hyzmatdaşlyk guramasynyň 57 agzasynyň bir ýyllyk öndürýän içerki önümi 3 trillion dollara ýetmeýän eken. Ýekeje ABŞ-yň içerki önümi 18 trillion dollar, Hytaýyňky 12 trillion, Ýaponiýa 4.2 trillion, Germaniýa bolsa bir ýylda 3.4 trillion dollarlyk önüm öndürýän eken. Biz 57 döwlet bolup ýekeje Germaniýanyň öndürýän içerki önümini öndürip bilmeýän ekenik.

Nebite baý arap dünýäsiniň üç baý ýurdy Saud Arabystany (643 mlrd), Katar (200 mlrd), BAE (359 mlrd), bilelikdäki öndürýän içerki önümleriniň umumy mukdary (nebiti hem hasaba alanda) bir trillion 200 milliard dollar töweregidir. Ispaniýanyň ýeke özi her ýyl 1 trillion 256 milliard, Polşa 509 milliard dollar gymmata eýe içerki önüm öndürýär.

***Netije: Bütin dünýä öndürilýän önümleriň umumy mukdaryna görä musulman ýurtlary örän az önüm öndürýär, munyň düýp sebäbi bolsa ylym-bilimde yzagalaklygymyzdyr***

Biz, musulmanlar, eger gelejegiň bize degişli bolmagyny islesek ilkinji nobatda ünsümizi ylym-bilimiň, okuwyň ösmegine gönükdirmegimiz gerek. Diňe şu ýol bilen biz ýene-de dünýäniň iň ösen jemgiýetine öwrülmegimiz mümkin, bolmasa heniz-henizler ýagdaý üýtgemeýär.

Taýýarlan Faruh ALLAÝEW.

Terjime eden Saparmyrat GÜRGENÇLI. Publisistika